# Iki sowal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Iki sowal IKI SOWAL

Durmuş, saña gelen günümden bäri,
Men özümi seniñ bilen ýaşadýan.
Aý aýdyñ gijeler, sergin säherler,
Seniñ aýdymlarñy şadyýan aýdýan.

Sabalara gürrüñ berýän sen hakda,
Söhbet gurýan gamgyn ýaşan Aý bilen.
Syrlaryña akyl eden ynsanlañ,
Gujagyñda ykballary beýgelden.

Senden gitmek islemeýän hiç mahal,
Halal zähmetlerden bagtym goşalýar.
Meniñ bedenim-de, ruhum-da, diñe
Senden mähir, ylham alýar, joş alýar.

Men seni gözleýän seniñ özüñden,
Terk edip düşnüksiz boş hyýaly men.
Düýş görýän.
Düýşümde, saña garylyp,
Bulutlardan dolup duran,
Arassa asman ýaly men.

Durmuş, sende matal ýaly günleriñ,
Jogabyn agtardym,
Sowally çykdym.
Öwrendim, günleriñ sabyr-takatyn.
Söýdüm, sarpaladym
Wagt derýasynyñ
Sekuntlaryn, minutlaryn, sagadyn.

…Durmuş, saña soñky sowallarym bar!
Men seniñ goýnuñdan bat bilen akyp,

Bakylyga siñip gitjrk suwmukam?!
Ýa asmanyñ kerwenine baş bolup,
Her baharda gökden uçjak guwmukam?!

Terjime eden: Muhammet BEKGIÝEW. Goşgular